# Aşyr Hanow



# SEN BIR SÖZ DIÝ...

***Söýgi söhbeti***

*Gözleriňi gözlerime garatda,*
*Sen bir söz diý,elewresin hyýalym.*
*Men seniň yşgyňdan serhoş bolaýyn,*
*Bir ömür söýülip görmedik ýaly.*

*Eliňi ber,ellerime daňaýyn,*
*Söýgi atly görünmezek ýüp bilen.*
*Ýüregimi açyp goýdum aýaňa,*
*Isle diňle,*
*Isle güýme gep bilen.*

*Ýa isleseň geljegiňi gur onda,*
*(Ýok,bu zatlar boýun bolmaz gümana)*
*Belli-külli takdyryňy bagla sen,*
*Takdyryma,hyýalyma.Hamana*
*Ikimiziň ýagty saçjak ertämiz,*
*Ýazyk bolsun maňlaýlarda ap-aýdyň.*

*Iki bolup aýralykdan gaçarys,*
*Şondan soňam tapybilse-tapaýsyn!*

*Bu zatlaryň bolar durar alajy,*
*Iň möhümi gadam basmak bu ýola.*
*Diýenlermiň dogrulygna baş at-da,*
*Sen bir söz diý,elewresin hyýalym.*
***

***Gözleg***

*Men seni gözläp ýörşüme,*
*Gör,niçe dagy owratdym.*
*Men seni gözläp ýörşüme,*
*Kalby gussama dogratdym.*

*Ýele üfläp mydar etdim,*
*Ýetmedim saňa barybir.*
*Men seni gözläp ýörşüme,*
*Ýitirdim ýolum-ugrumy.*

*Gabat geldi kän gözeller,*
*Men olara äňetmedim.*
*Men seni gözläp ýörşüme,*
*Munda nämeler etmedim.*

*Men seni näler gözledim,*
*Sataşmadyň ýalňyşybam.*
*Bir gün özüme dolandym,*
*Hem aňladym ýalňyşymy.*

*Gözleg bilen ýiten ýyllar,*
*Düýne öwrülen ekeni.*
*Seni gözläp ýörüpdirin,*
*Sen meň özümde ekeniň.*
*****
*Uçjak bolup urunmaly,*
*Göge galsak göz degermi?!*
*Ýa giň sähra gitmäli biz*
*Heder edip özgelerden.*

*Men aýdym aýdyp ýörjek däl,*
*Ile ýaýyp yşgymyzy.*
*Ýalançynyň ýalan-çyny,*
*Gozgamasyn başga bizi.*

*Asla awara bolmaly,*
*Özgeleriň derdi diýip.*
*Päk ýürekden ynanjak men*
*“Seni Huda berdi” diýip.*

*Aramyzda görünmesin,*
*Ýalazy ýel,özge şemal.*
*Öz gözümi sokur etdim,*
*Görmez ýaly özge jemal.*

*Kelte bolsa-da ýorganmyz,*
*Bölünmesin göwnüň seniň.*
*Göge uçmasak uçmaly*
*Biz ýere-de öwrenşeris.*
***

***Teklip***

*Gel,gowsy baryny başlaly başdan,*
*Birigen ýerinden ömür ýolumyz.*
*Sen öňki ýeriňde göwnüňi hoşlap,*
*Duruber,birdenem elwan ýalygyň.*
*Oýunçy şemala güýmenje bolsun.*
*Uçursyn ýaz ýeli,oklasyn öňme.*
*Täzeden tutaly sekuntlaň pulsyn,*
*Hem  asla del zatlar gelmesin göwne.*

*Sen-ä näz eden bol,çekeýin menem.*
*Soňra-da öňki deý sumat bol gözden.*
*Men seni soraglap ygaýyn ýene,*
*(Ýene-de öňümden çykjagňa söz ber!)*

*Täzeden ýaşaly ýaşan ýaşymyz,*
*Biz bile bagtly,biz bile bir ten.*
*Ylhamyny alyp ýedi aşygyň,*
*Bile bitireli söýgüniň şertin...*

*...Günleri kowalap şu güne ýetsek,*
*Şu günki deý bölünende ýolumyz.*
*Gel,gowsy baryny başlaly başdan:*
*Bahar ýeli göge zyňsyn ýalygyň.*
*****

## ***Gitmesene***

*“Gitmesene,*
*Gitseň onsoň bulutlary kim synlar...”*
***L.Pürjäýewa***

*Gitmesene,*
*Gitseň onsoň gara başym dumanlap*
*Gara güni gapdalyma getirer*
*Gitseň onsoň,görülmedik gün aglap*
*Kemsinmezmi ýazylmadyk setirim?!*

*Şygyrlarmy kime okap bererin*
*Haýsy gözler ýüregimi ýaralar*
*Gezerinmi göwnün görüp pelegiň*
*Köňüldäki arzuwlarma garaman*

*Gitmesene,*
*Gitseň onsoň galmalymy ýeke men*
*Duýgularym bilen,güllerim bilen*
*Mähremini saklap bilmän ýykylan*
*Mähire zar bolan günlerim bilen*

*Galmalymy böwrüm diňläp,düňle dek*
*Biygtyýar ýollaryňy bagyrtlap*
*Basybilmän nalalarmy diňmedik*
*Gezerinmi gyzyl meýi owurtlap*
*Gitmesene,*
*Galsaň munda:seni söýýän halyma*
*Dünýä sygmaz senli bolan bu dünýäm*
*Sen kemrysgal şahyryňdan nalama*
*Munda kem-kem bagtly bolup gidilýär*

*Bagt daş däldir biz ikimiz birleşsek*
*Birleşeris,goý,gaşyňy çytma sen*

*Şuňa dirär her ne hakda gürleşsek-*
*Gitmesene,gitmesene,gitme sen...*
*****

***Dostluk we söýgi***

*Ýadymda*
*Şol gün gara saçlaryňy penjeläp*
*Gözleriňe gan öýdürip,ýürekden*
*Ýakyp giden ilki söýgiň barada*
*Gürrüň beripdiň*

*Gahar jemlenipdi göreçleriňe*
*Ýigrençden dodagyň titredi durdy*
*Bilseň,şol gün duýgularym gorjalap*
*Ýüregmiň burçuny pytradyberdi*

*Söýmek hakda ýa-da söýülmek hakda*
*Jinnijek ýaljagam ýokdy pikiriň*
*Diýdiň "Söýşüp bagtly bolunýan bolsa*
*Goý,men bu dünýäden bagtsyz öteýin"*

*Gepiňe “hä” berip otyrdym menem*
*Ýüregmiň törüne hasrat gapladyp*
*Şol günden soň ne oýundan,ne çyndan*
*Saňa söýgi hakda söhbet atmadym*

*Ýollar aýra düşdi-*
*Ýodalar gaýra*
*Meni gör nireden çykardy ykbal,*
*Eger,ilki söýgi ýakmadyk bolsa*
*Sen meňki bolardyň,bolardyň ahmal*

*Ýadymda,şol gije aýyň yşgynda*
*Ilkinji söýgüňi ýa-da salanmam*
*Şonda ökündim men,ökündim kemsiz*
*Bagtyňa şärik däl,dostuň bolanma…*
***

***Sen gidensoň...***

*Sen gidensoň dünýäň reňki solupdyr,*
*Sowulypdyr dabaraly toýlarym.*

*Ömür atym tekiz ýere büdüräp,*
*Döwdüripdir şowlulygyň toýnagyn.*

*Sen gidensoň dereleriň ýygyrdy*
*Känelipdir,sülleripdir güllerem.*
*Sekuntlarym ömür bilen deňleşip,*
*Asyrlara öwrülipdir günlerim.*

*Gursagymy gurşap aldy ýekelik,*
*Sen gidensoň gysdy meni barlygym.*
*Iki bolup ýeke dünýä sygardyk,*
*Hut şo dünýä bir özüme dar bu gün.*

*Hum deý çişen,*
*Gum deý pytran pikirlem,*
*Per berenok ykbal keçlik edensoň.*
*Gör,nämeler boldy munda sen gidip,*
*Hem köp zatlar bolman galdy gideňsoň...*
***

***Bagtyň buşlukçysy***

*Indi asla meni güýmemez günler,*
*Indi asla meni eglemez wagt.*
*Iňňe deý kalbyma,*
*Çigit deý göwne,*
*Sen girdiň bagtymyň buşlugy bolup.*

*Saçlary ýaz darap,*
*Näz darap göwni,*
*Berdi aklygymy gojaman daglar.*
*Gyssaň gysymyňa sygmajak ömri,*
*Bir gözel başbütin kalbyna baglap,*
*Tutuş barlygyma öwüşgin çaýdy*
*Pikirlerim serhoş, tükendi derdim.*
*Bulutsyz asmanda süýtmeňiz Aý deý,*
*Meniň hyýalymy asmana gerdi.*

*Meni öz ýanyna äkitdi Aýym,*
*Älemi gördüm men göreçlerinde,*

*Birmahal başlanan, soňuny saýman,*
*Döwür bilen eden göreşlerim-de,*
*Ýeňişlem, ýeňlişlem bary biderek,*
*Geçiren günlerim boş hyýal eken.*
*Meniň gözleglermiň baryna degjek,*
*Gara gözleriňde goşgy bar eken.*

*Kapyýam, pikirlem diňe sen diýýär,*
*Alysdan aldym men hörpüni şygryň.*
*Ömrüň döwre degjek yşgyny duýýan,*
*Meniň bar edenim-ýalňyşym, dogrym,*
*Özüňe äkitjek ýodalar eken,*
*Sen geldiň bagtymyň buşlugy bolup.*
*Ömrüme gussasyz peýzaž çekerin,*
*Indi asla meni eglemez wagt.*
*********

***Ahmyr***

*Ýaz ýeline ýüzümizi ýuwardyk,*
*Leýlisaçlaň gujagyna gysylyp.*

*Ýygralygyň geçip bilmän ýüzünden,*
*Durmazdyk biz boýunlardan asylyp.*

*Gülki bilen günlerimiz gyzardy,*
*Şol wagtlar bagt bilen aşnadyk.*
*Ýüreklerde ýokdy gaýgy,aýralyk,*
*Ýokdy biziň arzuwlarmyz paşmadyk.*

*Seýilgähi yşgymyza bürärdik,*
*Oýnap ýören çagalara meýil edip.*
*Ýadyňdamy?"Oglum bolsa..." diýeniň,*
*Şonda neçün "Ikimiziň!" diýmediň?*

*Bir perişdäň gulagyna ilişdi,*
*Meni telim örtän,ýakan hyýalyň.*
*Şol günden soň men-ä gezdim dommaryp,*
*Senem bolduň bir bagtlyň aýaly.*

*Aýralyga dözüm etdik,ýaşadyk,*
*Sen ogul dogurdyň,men bolsa gussa.*
*Düýnden ýakymsyz ýel öwüsdi durdy,*
*Men seni ýatladym ýüregim gyssa.*

*Barybir aýňalyp bilmedim soňam,*
*Wah,neneň gyýanyň duýmadyň şonda!*
*Biz aşna dälmidik bagtymyz bilen?*
*Neçün "Ikimiziň!" diýmediň şonda?!*
*****

***Göwünlik***

*Zeleli ýok,undup goýber baryny,*
*Ýatdan çykar geçen günleň gussasyn.*
*Kakyp ýörme köne söýgiň taryny,*
*Indi seni özge ýollar gyssasyn.*

*Kim bilipdir öňden beýle boljagyn,*
*Ýatlamalar meňem kalbym gowurýar.*

*Göz öňümde: taplanmadyk geljegim*
*Ahmyryny ýele-göge sowurýar.*

*Aý,nätjek-dä,pelek işi,gysylma,*
*Baky däldir munda hiç zat,hasradam.*
*Bir gün geler,bagt gysdyrar gysymňa*
*Ýüregiňi ýok edersiň gussadan.*

*Bir men däl-ä dünýä gelip göreniň,*
*Ýatlamalaň ýumagyny çözme sen!*
*Isleýärkäm seniň bagtly bolanyň,*
*Haýyş edýän,gama boglup gezme sen!*

*Zeleli ýok,undup goýber baryny*
*Ýatdan çykar geçen günleň gussasyn.*
*Kakyp ýörme köne söýgiň taryny,*
*Indi seni özge ýollar gyssasyn.*
***

***Saňa***

*Öňde-soňda bukjalaryň gujaklap*
*Maňa tarap geljegiňi bilýärin*
*Şonuň üçin garşylygňa parhsyz men*
*Hut şoň üçin ýok diýeňde gülýärin*

*Ykbalymyz bir bolmaly seň bilen*
*Ine seret,maňlaýyňda adym bar*
*Şonuň üçin darygamok gaharňa*
*Hut şoň  üçin bagta barýas ädimläp*
*Ädim bilen geçilerden daş däldir*
*Nämä gerek ylgap ýörmek eşrede*
*Hut şoň üçin iňňesini gysganman*
*Haýal gaýýas ömrümiziň keşdesin*

*Pikirlerim gundalypdyr seň bile*
*Näme diýsem adyň gelýär aklyma*
*Şonuň üçin müňkür bolma hem bizi*
*Dyňzap duran bagtymyzdan saklama*

***Gel,men saňa goşgy okap bereýin***

*Gel,men saňa goşgy okap bereýin*
*Söýgi hakda-aşyk ýigdiň nalasyn*
*Gowy dälmi göwnüň biraz güýmesem*
*Ýöne haýyş-soňlananda setirim*
*«Aý,munyň-a erteki-le!» diýme sen*
*Syna-da göräý!*

*Gel,men saňa goşgy okap bereýin*
*Gaýgy hakda-Leýlisine zar bolan*
*Aşyk ýigdiň kalba salan agysyn*
*Özüňden gör hasratyny duýmasaň*
*Ýöne,haýyş-soňlananda setirim*
*«Aý,munyň-a erteki-le!» diýme sen*
*Gyna-da göräý!*

*Gel,men saňa goşgy okap bereýin*
*Duýgy hakda-bir aşygyň duygusyn*
*Aşygyna beýan edip berişin*

*O gözeliň özge närse sözlemän*
*Söýgüsini kabul edip alyşyn*
*Hem olaryň soňra  bagtly boluşyn*
*Men nädeýin şundan soňam söýmeseň*
*Ýöne,haýyş-soňlananda setirim*
*«Aý,munyň-a erteki-le» diýme sen*
*Diýme-de göräý*
*****

***Gaýyk,kürek,sen…***
*Gaýyk bolsa,*
*Kürek bolsa,*
*Sen bolsaň*
*Çar tarapam deňiz bolsa ümmülmez*
*Didarymdan,ykbalymdan gaçmanyň*
*Ebeteýni asla tapyp bilmeseň*
*Kürekleri gezek-gezek küreкläp*
*Elimiz kartasyz,kompossyz,zatsyz*
*Syýahata çyksak,azaşsak soňam*
*Güni garşylasak ir säher dogan*

*Eýläň deňiz,beýläň deňiz gurşasa*
*Göz öňümde gözi deňiz sen bolsaň*
*Biygtyýar gözleriňe gaçar men*
*Hem kalbyňda yşgyň ýolun açar men*
*Onsoň…*
*Onsoň «bagt» diýen geler-de*
*Ikimize gujagyny giň açar*
*Il gerek däl toyumyzy tutmaga*
*Däp gerek däl,nämä gerek gyňajam?*
*Meňkiligiň gözleriňden bildirse*
*Söýýänligiň sözleriňden bildirse*
*Ýeter maňa…Hem saňa-da ýeter şol*
*Ýeter bize gaýyk-kürek jem bolsa*

*Duýgularmy jylawlaman onsoň men*
*Öýüňize ýol ogurlap ýörmerin*
*Maňlaýymda deňiz gözli sen bolsaň*
*Bagtly ýatyp,bagtlylykda örerin*

*Hut şu pursat bar aladam sem bolsa*
*Gaýyk bolsa,*
*Kürek bolsa,*
*sen bolsaň…*

***

***Gyş geler-de...***

*Ýüregime dilmaç bolar şo günler,*
*Ýygralygma çeker gider atanak.*
*Gyş geler-de,dünýäm giňär gider meň,*
*Saňa aýdar ýaly sözem tapylar.*
*Akar ýabyň ýürejigi doňar-da,*
*Buz sallanar üçeginden jaýlaryň.*
*Seniň ýüregiňi ereder derhal,*
*Duýgyma söz bilen bezeg çaýmagym.*

*Setirimi ak garlara nagyşlap,*
*Ylhamymy odun edip ýakaryn.*
*Gaýgyly göwnüňi göge göterip,*
*Gapyňyza umyt bolup akaryn.*

*Ýat ederis ýitirilen ýazlaryň,*
*Bagtymyza atyp biljek haladyn.*
*Ynanýan men,ýygra ýigdiň duýgusyn,*
*Gyş geler-de ykbalyňa tanadar.*

*Ýene-de gyş geler-agarar älem,*
*Ýene-de gyş geler-durnalar göçer.*
*Meniň birmahalky diýjek sözlerim,*
*Dilimden gaçar...*
*****

***Ykbalyma***

*Ädimlerim bilen giňeldip seni*
*Golum bilen galdyraryn asmana.*
*Bu günleriň gum-guklygny geňleme,*
*Ynan,başymyza şeýle gün geler,*
*Eli degmez ýürekleriň gysmaga.*

*Başagaýlyk nyşany däl haraýyň,*
*Ýer dyrmanyň bilen gelenok bagtam.*

*Sen gaýta demiňi uludan al-da,*
*Hözirin görüber tükenmez wagtyň.*
*El uzatsaň el ýetmejek zat barmy,*
*Ana,Aýam park etdiler adamlar.*
*Bu işde özüňe ynanmak gerek,*
*Sabyr gerek Köpetdag deý azyndan.*

*Umyt gerek hemem gerek nesibe,*
*Galan zatlar öz-özüni döredýär.*
*Adamlaryň başarmaýan zady ýok,*

*Olar bu gün san ýetmejek ýyldyzlaň,*
*Barmak basyp hasabyny ýöredýär.*

*Şonuň üçin,asla ruhdan düşme sen,*
*Hem bu günleň gum-guklygna gyýylma!*
*Aýa barmak geçen asryň gürrüňi,*
*Iki bolup Gün gujaklap gaýdarys,*
*Haýyrmy?!*

***

***Sen maňa wada beripdiň...***

*Sen maňa wada beripdiň*
*Garaşmagy-*
*garaşmadyň.*
*Göreşmegi-*
*Göreşmediň.*
*Şeýdibem söýgi soňlandy,*
*Gam ogşadyp göreçlere.*

*Güýzler sary gussasyny,*
*Ýaprak edip gaçyrdylar.*
*Bagtymyň guşy öýdenim,*
*Bilmän galdym uçurdygym.*

*Gyşlar sowuk tygy bilen,*
*Gursagyma saldy talaň.*
*Ara aýralyk düşensoň,*
*Habarsyz galdym halyňdan.*

*Öwrüm saldy ýollarmyza*
*“Görüşmesin!” diýip pelek.*
*Özümi aldadym ýördüm:*
*“Söýen ýene söýüp biler!”*
*diýip,men söýgi gözledim,*
*(Tapdyrmy öň tapylmadyk?!)*
*Gursagymda gussa bilen,*
*Umyt galdy ýapylmadyk.*

*Sen hakdaky ýatlamalar,*
*Kän bildirdi barlygyny.*
*Ýitirip göz ýetirdim men*
*Sensiz dünýäň darlygyna...*

*Sen maňa wada berdiň-de,*
*Neçüýn yzynda durmadyň?!*
*Garaşmadyň,*
*göreşmediň...*
*Menem duýduryp durmadym.*

*Ýa ýadyňdan çykypdymy,*
*Eý, meň bagtymdyr öýdenim?!*
*Dünýe deý beýik söýgini,*
*Soňlap bo:r eken beýdibem...*
****

***Teklip***

*Işleriňden sypyp bilseň gel,gülüm,*
*Bir ajap aýdymy öwretjek saňa.*
*Sözlerinden aýralygyň agysy,*
*Owazyndan päk söýginiň nalasy*
*damyp duran bir aýdymy öwretjek,*
*Aýtmak üçin ukyp-talant gerek däl.*
*Yşgymyzyň çagşap duran gämisi,*
*Hem sabyryň iň soňkuja dänesi*
*Gutaranda,*
*Ýitireňde sen meni,*
*Özüň hiňlenersiň meni gerekläp.*

*Şonda gözleriňden damjak ýaşyňda,*
*Meniň şu gün çekýän hasratym bardyr.*
*Ahym bardyr her sesinde aýdymyň.*
*Meni tapjak bolsaň aýdym aýdarsyň-*
*Men gelerin,*
*hem köp zatlar aýdaryn.*

*Düşünersiň gözleriňde gaçanda,*
*Ýüregimiň bölek-bölek gussasy.*
*Ýaňaklaň üstünden ýoda açar-da,*
*Aşak eger päk söýginiň kyssasy.*

*Halym biljek bolsaň aýdym aýdarsyň,*
*Hiňlenersiň gözlerime zar bolsaň.*
*Şol aýdym dadyňa ýetişer seniň,*
*Baryp-baryp bir biweje ýar bolsaň.*

*Söýgimizden ýatlama ýok ýatla:ra,*
*Gyýylaňda aýdym seni diňdirer.*

*Söýen adam goldaw bermä haklydyr,*
*Öwredeýin yhlasymy siňdirip.*
*Şonuň üçin köp bahana tapma-da,*
*Işleriňden sypyp bilseň gel,gülüm,*
*Bir ajap aýdymy öwretjek saňa,*
*Geregi çykar...*
*****

***Saňa***

*Sen meň bagtyma meňzeýäň,*
*Belki çyndyr,*
*belki ýalan.*
*Nazarymy gül meňziňe*
*Daňdyň ýüpsüz gözüň bilen.*

*Sözleriň süňňümi söküp,*
*Näziň bagry paralaýar.*
*Çuňňur oýa batýan,bakyp*
*Gara saçyň taryna ýar.*

*Akyl damyp dur gözüňden,*
*Edebiň ile nusgalyk.*
*Meger,hiç zat ýer ýüzünde*
*Gaýtalap bilmez kesbiňi.*

*Taryp etsem gül meňziňi,*
*Özgeleň  ga:lar kinesi.*
*Sen  meň bagtyma meňzeýäň,*
*Biraz kejirräk diýmeseň.*
*****
*Güýzler biziň bagtymyzy ogurlap,*
*Dakan ýaly aýralygyň biline.*
*Ysgynsyz umydyň goluny baglap,*
*Pelek dur ýassanyp köne niline.*

*Göge galjak bolýan hyýalyň egni,*
*Gysylyp dur, ganatyny ýygşyryp.*
*Gussasy kän köňlüm amana geldi,*
*Ezilensoň sensizligiň ýagşyna.*

*Boýny buruk pikirlemden çekinýän,*
*Sökýär meni ýadawlygy ýollaryň.*
*Gökden ýagyş bolup ahym dökülýär,*
*Gohuny ýetirip sagy*-sollara.

*Duşuşylan ýerler gözümde galdy,*
*Sözüm galdy gutarmanka soňlanan.*
*Güýz bu,aýralygyň alajy barmy?!*
*Ir ölen söýgim deý göçdi durnalar.*

*Geçilen ýollaryň agysyn aglap,*
*Daňdym seni aýralygyň biline.*
*Ysgynsyz umydyň goluny baglap,*
*Pelek dur ýassanyp köne niline.*
*****
*"Yşk bormy ataşda ýanmasa " diýdiň,*
*Ot bile suwadym ýüregmi,läläm.*

*"Yşk bormy aýazda doňmasa " diýdiň,*
*Sözüňe doladym ýüregmi,läläm.*

*"Yşk bormy guş bolup uçmasa " diýdiň,*
*Hyýallaryň ganatyndan asyldym.*
*"Yşk bormy topragy guçmasa " diýdiň,*
*Dyz epip patasyn aldym asyrlaň.*

*"Yşk bormy takady bolmasa" diýdiň,*
*Sekuntlara,minutlara daňyldym.*
*"Yşk bormy bagt näme,bilmese" diýdiň,*
*Balyk bolup derýalara zyňyldym...*

*Ine indem alkymyňa barýaryn,*
*Ýüregimiň ýamalary näler kän.*
*Şundan soňam ýene yşk bormy diýseň,*
*Näderkäm?!*

***

*Mätäjim ýagşy söz, sylag islegim.*
*Bir zaryn mukam men kalby gussaly.*

*Şowhuna,şatlyga bermän özümi.*
*Çekip ýörün dünýäň soňsuz näzini.*

*Düýnümde müýnüm ýok, erte-de tamam.*
*Diňe şu gün bilen barlygym dowam.*

*Ýazgytdan köp zada hantama däl men.*
*Elime reňk alyp, agardýan pälim.*

*Pikri pyçak bilen dilimläp ýörün.*
*Hyýaly-hyýala ýelimläp ýörün.*

*Ýaragym-göwnümdir, goragym-pälim.*
*Ýazgytdan köp zada hantama dälem.*

*Mätäjim ýagşy söz, sylag islegim.*
*Bir zaryn mukam men kalby gussaly.*
*****
*Heýkel deý doňupdyr şol köne peýzaž:*
*Güýz.*
*Sary ýapraklar.*
*Aýralyk.*
*Gussa.*
*Güýzüň bar manysyn bäş sözde jemläp,*
*Alaw ýok ýerinden çykardyk tüsse.*

*Ýogsa dünýämizde aýralyk gytmy?!*
*Hasrat azmy gamlanara,köýere.?!*
*Dünýäň bar derdini boýnuna atyp,*
*Sary güýzde ýer goýmadyk söýere.*

*Tylla tomus der dökdürip ýakyp ýör,*
*Ýaşyl ýazam bakylyk däl jahana.*
*Gelip-gelip dört pasylyň içinde,*

*Güýz boldumy gamlanmaga bahana.*
*Güýz bilen erkini alandyr ilim,*
*Ýakasyna güýzüň ýeli çalandyr.*
*Her güýzde bir ýaşy egnine atyp,*
*Bu gün Dünýäň depesine galandyr.*

*Güýz bilendir goňşokara sylagy,*
*Güýzde halky toý edýändir goşadan.*
*Şonuň üçin,*
*indi sizden haýyşym,*
*Sary güýzi gam ýükünden boşadyň.*
*****

***Hoşlaşyk***

*Ýazgydyma sygmadyň,*
*Öwrülmediň yşgyma.*
*Ertir dogan günümiz,*
*Batdy ýetmän guşluga.*

*“Alçak” diýip söýüpdim,*
*“Aljak!” diýip söýüpdim.*
*Men bir gezek köýemde,*
*Sen on gezek köýüpdiň.*

*On paý alyp söýgüden,*
*Birin berip bilmedim.*
*Menden öň-ä alçakdyň,*
*Maňa duşup gülmediň.*

*Illeň erki elinde,*
*Meniň erkim ýürekde.*
*Nadyl ýürek,ah ýürek*
*Arada yş döretdi.*

*Şeýde-şeýde açdyk biz,*
*Yşkyň sarsmaz sepini.*
*Günler geçer,eglenmez,*
*Kemmez ýeke depini.*

*Ýyllar bilen gursaga,*
*Düşer durar gam indi.*
*Asman erksiz goýberer,*
*Üstden hasrat ýagynny.*

*Owazymyz çalyşar,*
*Üýtgär öňki heňimiz.*
*Takdyr oklar öňmüze,*
*Her kimiň öz deňini.*

*Kaýyl bolup ýazgyda,*
*Gezeris biz gyýylman.*
*(Öňki gören günüň-dä,*
*Söýen wagtyň söýülmän!)*

*Ýadyňdamy?Şanyňa*
*Goşgy ýazjak diýipdim...*
*...Men bir gezek köýemde,*
*Sen on gezek köýüpdiň.*

***

***Indi***

*Düýnüň gapysyny kakyp ýöremok,*
*O ýer indi kalbyň ýaly ýa:t maňa.*
*Indi seniň hatlaryňam döremok,*
*Nämä gerek nep bermejek ýatlama?!*

*Sen hakdaky hyýallarym ýitirdi,*
*Ömrümdäki "ýeke-täklik kärini".*
*Bagtyň özi gollaryma getirdi,*
*Sensizlikde ýanmazlygyň tärini.*

*O:t deý ýanýan ýüregimi güýmäre,*
*Emel tapdym takat bilen sabyrdan.*
*Kalbyň maňa, men kalbyňa bigäne,*
*Ony düýnüň salgymyna öwürdim.*

*Soňsuz pikirleriň düýbüne çümüp,*
*Gezemok men öz-özüme düşünmän.*

*Suwsuz elewrämde dodaga damyp,*
*Çalyşdy meň aram tapýan düşelgäm.*
*****
*Men dünýäni söýýarin,*
*Sebäp, ol meň hossarym.*
*Gama batsam, goltukdan*
*Söýget berjek dost-ýarym.*

*Men dünýäni söýýarin,*
*Sebäp, ol meň mähremim.*
*Gar-gyşda-da ejem deý,*
*Egisenok mährini.*

*Men dünýäni söýýärin,*
*Sebäp, ol meň aşygym.*
*Bozulýar ol görende*
*Gözlerimiň ýaşyny.*

*Men dünýäni söýýärin,*
*Sebäp, ol meň hasratym.*
*Heý-de, kalbyň agysyn*
*Dözüp bormy gaflata?!*

*Men dünýäni söýýärin,*
*Sebäp, ol meň ýazgydym.*
*Ezýetime aram ol,*
*Dertlerimiň çözgüdi.*

*Yşk - serhoşluk, ömür -* dert,
*Dermanyna taýýaram.*
*Kemmek üçin derdimi,*
*Men dünýäni söýýärin.*
***
*Aňasty hyýallaň lebinden ogşap*
*Men ýene-de aşyk boldum arzuwa.*
*Yşgyň meýlisinde öwrüldim bagşa,*
*Duýgularmy bölüp berdim karzyna.*

*Agzymda gatyklan aşmy,yşkmy,*
*Bilmedim başymdan direjek derdi.*
*Göwni galagoply,kalby üşükli-*
*Aňym maňa seni döredip berdi.*

*Gerip gujagymy salgyma,howa,*
*Özüm gujaklandym,söýüldim ýördüm.*
*Bagtymy ýatlara görmänsoň rowa,*
*Eziz hyýalymy oturtdym törde.*

*Hyýaly söýüp bor,söýlüp bor onda,*
*Ýöne,ýaşamaga berlenok rugsat.*
*Gapymdan ot bolup puşman girende,*
*Saçymy ýolmaga döredi pursat.*

*"Ham hyýallar hamlygyna galarmyş"*
*Aňmadym men tirenimde bu ýoly.*
*Dünýämi daraldyp,saçym agardyp,*
*Men barybir söýdüm ýördüm hyýaly.*

***

***Haýyş***

*Rugsat ber,gözüňde baky galaýyn,*
*Galaýyn men gursagyňda yşk bolup.*
*Mähriň gujagyna oklanan söýgüm,*
*Seriňi sämetsin anbar-müşk bolup.*
*Ejaza ber düýşleriňe girmäge,*
*Sal meni hyýallaň goýnuna,dünýäm.*
*Görküň gözlem üçin synagdyr,şertdir,*
*Men bagt diýlende saňa düşünýän*

*Beren güllerimi algyn,ezizim,*
*Olar yşgyň mähri bilen idelen.*
*Köl suwy deý gujagyňa ýygna sen,*
*Gögüň Aýy bolup baksam gijeler.*

*Agzym gurap,yşk çölünde gezmişem,*
*Käsä guýup kalbyň uzat,ganaýyn.*

*Bagtyňy bagtyma bagla sen,dünýäm,*
*Rugsat ber,gözüňde baky galaýyn.*
*****

***Ýa:ra***

*Sen maňa köp zady wada bermegin,*
*Diýmegin sen başarmajak işiňi.*
*Ýalanyň ýakymsyz ýelgini bardyr,*
*O ýel meniň ýüregimi çişirer.*

*Göwnüm görjek bolup urunma,läläm*
*Ýalan bilen,aldaw bilen,gep bilen.*
*Söýgi päk bolanda söýgi bolýandyr,*
*Däldir söýgi idelende nep bilen.*

*Boş gürrüňler owal-ahyr dep bolar,*
*Wagtyň eleginden elände ykbal.*
*Sözleriň içinden çynyny saýlap,*
*Diý sen garşylygma,gussama bakman.*

*Ýalan bilen gadam bassak bu ýola,*
*Ýalan söýgi alaja deý işiler.*
*Göwnüm görjek bolup urunma,läläm,*
*Diýmegin sen başarmajak işiňi.*
*****

### ***Ýatlama***

*O günleri taryplamak gerek däl,*
*Tarypdan has gözel günlerdi olar.*
*Ikimizi söýgi bilen gereklän-*
*Bagta ýetmek üçin münberdi olar.*

*Çemen bogup çep tarapyň adyndan,*
*Gursaga paý düşdi yşkyň  odundan.*
*Yza galyp pasyllaryň badyndan,*
*Ukusyz geçirlen tünlerdi olar.*

*Sekuntlara daňyp hepde-aýymy,*
*Hyýallaryň ýelek kimin gaýany.*

*Ýalançy dünýäniň ýalan saýany-*
*Täk ikimiz üçin çynlardy olar.*

*Ýakyn bilip örtenmäni,köýmäni,*
*Unudardyk  günortany,öýläni.*
*Söýgümiziň damaklarda gaýnany-*
*Gaýtalap bolmajak heňlerdi olar.*
*Giň boldumy hyýallaryň gerimi?!*
*Gaýgy tutdy şatlygmyzyň ýerini.*
*Bagtyň deregine peşgeş berilen,*
*Yşgymyzdan galan nemlerdi olar.*

*Hyýalymda galan gamly keşbiňe,*
*Soňsuz ahmyr düşýär solan yş bile.*
*Dözmän kalby sypjyrylan yşgyma,*
*Bolmanda bir gezek gelmezmi olar?!*
***

***Hoşlaşyk***

*Duman bolsun geçen günleň eşreti,*
*Güman bolsun dag deý beýik yşgymyz.*
*Kalba sünjüp aýralygyň  neşderin,*
*Bu ýollarda sataşmaly başga biz.*

*Unut meni,*
*ýatdan çykar ömürlik,*
*Ýeke demde hyýalyňdan öçür sen,*
*Soňam asla ýada salma öwrülip,*
*Täze söýgä täze ýollar açylsyn.*

*Ýatlamadan aram gözläp ýüregňe,*
*Agram salma özüňe-de,maňa*-da.
*Ýeterlik däl bu yşgymyz bir ömre,*
*Belki,senem aşyk borsuň yaňadan!*

*Gowlugadyr gurramyzyň çykmany,*
*Goy,paşmasa paşman geçsin yşgymyz.*

*Her kim bilsin öz bagtyny tapmany,*
*Bu ýollarda sataşmaly başga biz!!!*
*****

***Söýgi illyuziýasy***

*Gözýetmez menziller ýakyn görünýär,*
*Iň daş ýollar-barmagyma oralan.*
*Deňizleň üstünden ätläp geçýärin,*
*Guş men ganatlary bagta gerilen.*

*Üfläp kowýan başa gelen salgymy,*
*Günleň aýagyna bat berýär gözlem.*
*Saçym bulutlary sypalap gaýdýar,*
*Göwnüm dünýä üçin asyrlyk gözleg.*

*Dünýä maňa,*
*men äleme sygamok,*
*Ökjäm ýelli,*
*dem alyşym tijedi.*
*Humar oýnaýanyň elinde galan,*

*Iň soňky,*
*ahyrky şowly bije deý,*
*Bar zat,*
*bar zat maňa bakyp gülüp dur,*
*Men ýylgyrýan bakmadyga-bakana.*
*Gözýetmez menziller ýakyn görünýär,*
*Sygamok men bu ümmülmez jahana.*
*********

***Ilkinji söýgä...***

*Edil düýnem deňiz ýaly durudyň,*
*Bu gün bolsa bulanypsyň ümür deý.*
*Edil düýnem düýşlerimiň dürüdiň,*
*Aýt,kim seni armanlara öwürdi?!*

*Eýe çykyp hyýalyma,ýadyma,*
*Irmän-arman gollarymdan çekerdiň.*
*Aýt,kim seni atyp hijran oduna,*
*Geçmişimiň gujagyndan çykardy.*

*Gijeleriň Aýy bolup bakanym,*
*Gündizleriň gözlerine gözleg sen.*
*Yşk kölünde suwsuz guran nahalym-*
*Gutarmanka tamamlanan sözlem sen.*

*Edil düýnem arassadyň ýaş ýaly,*
*Edil düýnem deňiz ýaly durudyň.*
*Bu gün bolsa gadry gaçan daş ýaly*
*Gursagymda ahmyr bolup dörediň...*
***
*Sen gelmerin diýdiň...*
*Agardy asman.*
*Sen gelmerin diýdiň...*
*Çolardy dünýäm.*
*Daglar süýşdi,*
            *Baglaň saçy döküldi,*
*Deňizler çarpandy, köller çekildi.*
*Asman bar gözýaşyn aglap gutardy,*
*Ömrüm ömürdignem aňman gutardy.*

*Hasrada bürendi setirlem, beýdim,*
*Sen gelmerin diýdiň...*
*****
*Men özümi dünýä saýyp ýörüpdim,*
*Seret, gysymyña ýerleşip durun.*
*Älem dili deldi maña, bir görsem,*
*Hakyt guşlar bilen gürleşip durun.*

*Söýgiñ soñsuz ýollarynda derwüşem,*
*Bar erkimi bir garaýşa bermişem.*
*Goşa didañ jümmüşinde ýerleşen,*
*Yşka umyt bolup birleşip durun.*

*Jogap tapman, bakyp aýa-günlere,*
*Garaşmakdan sabrym döndi tümmege.*
*Aýdyñ, söýgiñ deñlemesin kim biler?*
*Soñsuz soraglara dyrmaşyp durun.*

*Hyýallarym asman ýaly çuňdy meň,*
*Sadamydym?*
*Bar zat gözme çyndy meň.*
*Düýn ýalydy yşkyň ody undulan,*
*Bu gün şol ot bilen ýüzleşip durun.*
*****
*Bir wagt bir gözel deňze barypdyr,*
*Hem çözüpdir saçlarynyň örümin.*
*Şo günden soň deňiz ylla janlanyp,*
*Çaýkanyp ýatyrmyş telba öwrülip,*
*Ýogsam, birmahallar gurajak eken.*

*Bir wagt bir gözel daga çykypdyr,*
*Hem aýdypdyr ýüreginiň aýdymyn.*
*Şo günden soň beýik daglaň başynda,*
*Ebedi parlapdyr ýaşlyk baýdagy,*
*Ýogsam, birmahallar garrajak eken.*

*Bir wagt bir gözel sähra gidipdir,*
*Hem öpüpdir elwan gülleñ ýañagny.*
*Şo günden soñ dünýän ähli sährasy,*
*Tutupdyr söýginiñ näzik damarny,*
*Ýogsam, bir çak gussa garbajak eken.*

*Bir wagt bir gözel sataşdy maña,*
*Hem yşk bilen gözlerimi açdy meñ.*
*Dünýäm deñiz bolup çaýkandy şonda,*
*Göwnüm dag deñine galdy belende.*
*Kalbym dönüp sährasyna söýginiñ,*
*Mukam boldy ýaşlygymyñ dilinde.*
*Ýogsam, birmahallar dargap giderdim,*
*Ýogsam, birmahallar garrap giderdim.*
***
*Penjiräňe sakçy boldy gözlerim,*
*Dabanymdan tekizlendi töwerek.*
*Saňa duşup ekezlenen gözlegim,*
*Meni kän zatlara etdi höwesek.*

*Gasynlary ýitip gitdi beýnimiň,*
*Soňsuz pikir- hyýallardan goş basan.*
*Şaýat tutmak üçin sada söýgime,*
*Ýat tutdum men kän şahyrlaň goşgusyn.*

*Seni tanaýanlar döndi tanşyma,*
*Käte bitdi, kä bitmedi haýyşym.*
*Seň arkaňdan köçäňiziň, goňşulaň,*
*Tas ähli çagasy gitdi baýaşyp.*

*Tanyş ýollar, tanyş ýüzler, howlular.*
*Sada söýgiň sakasynda sak durup,*
*Öwrüldim men köçäňiziň ogluna.*
***
*Gözýetim gözleň deý garalyp barýar,*
*Otag.*
*Tümlük.Ýarymaçyk penjire.*
*Bagra basyp gijepisint oýlary,*
*Ýüregimden zat galmady ýenjile.*

*Çuňlugynda çabalanýan asmanyň,*
*Soňam gaçýan ho-ol beýikden ýere men.*
*Hyýallarym- müň görülen düýş ýaly,*
*Dözmen indi almaga-da serime.*

*Otag.*
*Tümlük.*
*Ýarymaçyk penjire.*
*Öçügsi aý, süýnýän ýyldyz. Bez indi.*
*Ýazgydyma ornaşmadyk umydym,*
*Perýat çekýär Şasenemiň düzünde.*

*Baglaň başy salam berýär topraga,*
*Peselipdir beýikligi daglaryň.*
*Ýumruk deý gysylyp, düwüldim indi,*
*Hem sygamok dünýe sygan barlyga.*

*...Kalba dolan müň asyrlyk howsala,*
*Birde lezzet, birde berýär ezýetin.*

*Açylan penjire. Otag. Dymyşlyk,*
*Ýaňagyň deý gyzarypdyr gözýetim...*
*****

***Ýürekdeş dosta...***

*Şu gün ýüregim gysyp dur,*
*Daralyp barýar dünýämem.*
*Şeýlebir gürläsim gelýär,*
*Gelsene,özüň bilýäň-ä.*
*Seni janymdan eý görüp,*
*Bar syrymy dözýänimi.*
*Men aýdaýyn,diňle senem,*
*Duýgulamyň ezýänini.*

*Bulut jemlenip depämde,*
*Gün garasyn görmeýänim.*
*Tomsuň güni ellik geýip,*
*Garly gyşda derleýänim.*
*Geçmiş bilime oralyp,*
*Ýaşamaga goýmaýanyn.*

*Gözler göwnüm elendirip,*
*Duýgularmy oýnaýanyn.*

*Beýle duýguçyl däldim men,*
*Bilmedim,nirden ýolukdy.*
*Özümem ýigrenýän,bilseň.*
*Kyn maňa beýle gylykly,*
*Ömür salyn dolandyrmak.*
*Tolkun alar yhlasymy,*
*Gel,saňa gürrüň bereýin,*
*Men bir täsin ykbalymy.*

*Diňläý-dä,gaşyňy çytman,*
*Daňa çenli gürlesemem.*
*Şeýle ýüregim gysyp dur,*
*Meni gama bermesene!!!*
***

***Pelsepeler***

*Ýola çyksaň ýol bolar,*
*Bagt tapylar onsoňam.*
*Müňkür çykjak kän bolar,*
*Derde şärik bolsaňam.*
*Wagtdan ozup, geljegi,*
*Täzeleseň el bile.*
*Ile düşen keç ykbal,*
*Eder seni bergili.*

*Günler gama batyrsa,*
*Bala baty:r gijeler.*
*Ýazgydynda bar bolsa,*
*Çüwer gider bijeler.*

*Gün gerekmi?Ana,gör!*
*Aý gerekmi?Bar şolam!*
*Sen duýgyňy aýtmasaň,*
*Ýar tamşanar, ýar solar.*

*Aý,bu zatlar hijem-le,*
*Tükelleseň ynamyň.*
*Ýüze çykar hakykat,*
*Ýüzün ýyrtyp ýalanyň.*

*Ýagşy hyýal göwnüňi,*
*Gujagynda göterer.*
*Sen özüňi taparsyň*
*Owal-başda ýitirip.*
*****

***Watan***

*Meniň saňa düşünişim sadadyr,*
*Ýokdur mende giperbola,pelsepe.*
*Adyňdan ruhlanyp ýaşar ýörerin*
*Ýürek ursa, günler ýüzi ýelpese.*

*Binalaňa söýget bolar yhlasym,*
*Der dökerin,zer dökerin dilimden,*

*Belki söýgim gysga geler boýumdan,*
*Belki munda barlygymam bilinmez.*

*Men şonda-da yza tesmen, ýykylman,*
*Gaýta barha bat goşular badyma.*
*Adyňdan ruhlanyp yaşar ýörerin*
*Meniň saňa düşünişim sadadyr.*
***

### ***Goja***

*Arkasynda bir ömürlik ýatlama,*
*Geçjek ýoly geçeninden az onuň.*
*Ýatanynda kelemesin gaýtalar,*
*Tursa "Şükri" dillerine saz onuň.*

*Çalaran başyna myhmandyr pikir,*
*Bar zadyň diline düşünýän ýaly*
*Bir bakan ýerine seredip durýar,*
*Ýadygärlik surat düşürýän ýaly.*

*Dem alanda dünýäň ähli howasyn*
*Ýeke demi bilen gutarýan ýaly.*
*Her baran ýerine ýaýdanyp barýar,*
*Bir ýakymsyz habar getirýän ýaly.*

*Hoşlaşanda çyny bilen hoşlaşýar-*
*Razylaşýar. (Kim bilipmiş ertesin?!)*
*Tas ähli wagtyny dymyp geçirýär,*
*Ýazdyrýan deý bu dünýäniň her sesin.*

*Ýatlap ýaşlyk ýyllaryny, özüniň*
*Ýygyrtly ýüzüni gyzardyp barýar.*
*Hem agyr, haýallan ädimi bilen*
*Ömrüni az-owlak uzaldyp barýar.*
***

***Gyş goşgusy***

*Indi asla manysy ýok baglaryñ*
*Tänip giden ýapragyna gyýylmañ.*

*Güýzden galan bir goşawuç aýralyk,*
*Gerekmejek gussa bolup duýulýar.*

*Nep getirmez göçüp giden durnalañ,*
*Uzyn-uzyn gam-gussaly söhbeti.*
*Güýzleñ sargylt,tylla reñli possuny,*
*Günler bilen geçiripdir möhletin.*

*Asman indi tutuksy däl,çytyk däl,*
*Öñküsi deý ýalñyz ýanmaz agaçlar.*
*Buşluk edip gaýalaryñ gerşine,*
*Ak garyny sepeläpdir bu gyşlar.*

*Edil düýnem gussa bilen irkilip,*
*Siñdik bu gün garly gyşyñ päkligne*
*Göz ýetirdik: goja dünýäñ goýnunda,*
*Müdimilik,baky zatlañ ýoklugna.*

*Indi asla manysy ýok ýanmanyñ,*
*Manysy ýok aýralygyñ, gamyñ-da!*
*Tämizlendik,täzelendik,päklendik,*
*Garyñ gyşy buşlap gelen dañynda.*
*****
*Ilki ýazan goşgym ýaly sada sen,*
*Eziz sen ilkinji sylagym ýaly.*
*Nurana sen bir bulutsyz gijede*
*Aý diyip ýüzüme sylanym ýaly.*

*Ejem ýaly aladaçyl, mähirli,*
*Doganym deý gursagyma ýakyn sen.*
*Daş ýollardan aryp gelsem,ýadasam,*
*Baryp ilki söýenjegim-gapym sen.*

*Ýazlar ýaly owadan sen,gözel sen,*
*Güýzler ýaly parasatly,akylly.*
*Gara gözleñ ýüregimiñ törüne*
*Bezeg berýän ýatlama deý ýakymly.*

*Gün sen,gül sen,*
*Erem bagyñ Gunçasy,*
*Ýakyn maña özüm ýaly bu Ýerde.*
*Hem bilýäñmi..."...Juda-juda eziz sen,*
*Söýülerden,söýdürerden,söýerden..."*
***
*Iňrik bolup batyp gitdiň bagtymdan,*
*Gyzartdyňda ykbalymyň ýüzüni.*
*Gije meniň aýagyma çolaşyp,*
*Tümlük gapdy geljegimiň gözüni.*

*Bar zat birden görmegini ýitirdi,*
*Hem getirdi hyýalymy amana.*
*Tekiz ýerde umydyma büdredim,*
*Gara başym olja boldy dumana.*

*Dabanyna ot basylyp,dalanan*
*Söýgim bilen wepat boldy höwesim.*

*Ham-hyýallaň,garaşmalaň,ýanmalaň,*
*Güman bilen ýalan tutdy öwezin.*

*Görk bermediň gijelerme Aý bolup,*
*Başarmadyň şöhle saçyp Gün ýaly.*
*Iňrik bolup batyp gitdiň bagtymdan,*
*Menem galdym gol gowşuryp güň ýaly.*

*****

*“Gel,uçaly,ganatymyz guratka,*
*Ýan bermäli ýazlaň ynjyk ýeline,*
*Äkit meni,äkit meni ...”- diýýärsiň*
*Seň gursagyň aram tapjak ýerine.*

*Sada seniň hyýallaryň,arzuwyň,*
*Iň sap söýgi gursagyňa guýulan.*
*Diýmän bilmen bu zatlary men saňa,*
*Aram tapman ahyr soňy diýibem:*

*“Daglaň başy Asman bilen gürleşer,*
*Zemin bardyr deňizleriň serinde.*
*Çarlaklara mekan bolmaz gaýadan,*
*Bürgüt oňmaz seniň oňjak ýeriňde...”*
*****
*Gürleşere gürrüň kändi şeýle bir,*
*Gürrüň kändi yşkymyzy güýmäre.*
*Ýöne,dymdyň,onsoň meňem dillerim*
*Maý tapmady sözlemäge,diýmäge.*

*Gözler bilen söhbet edip,hoşlaşyp,*
*Bir-birege bagt diläp oňduk biz.*
*Hemem şeýdip söýgimiziň goluny,*
*Goja bagyň damaryna daňdyk biz.*

*Mert görünjek boldukmy ýa?Bilmedim,*
*Gaýdanmyzda dogumlandy ädimler.*
*Gaýtdyk,ýolda aň ýetirmän bu söýgiň,*
*Bu zatlara mynasyp ýa däldigne.*

*Bir-birekden gaçdyk ýördük soňra-da,*
*Gözläp ýollaň duşurmajak ýerini.*
*Unutdyk biz,kyn bolsa-da,söýginiň,*
*Aýralygyň owazyny,heňini.*

*Gürleşere gürrüň kändi şeýle bir,*
*Gaýtmaklygam beýle aňsat düşmändi.*
*Ýöne,bilmen,onda neçün?Nämüçin?*
*Bir-birege bolup galdyk duşman deý?!*
*****
*Ykbaldan utulyp iren adamyň,*
*Kalbynda könelen namasy ýaly.*
*Gaýyk ýatyr ýata kölüň boýunda,*
*Gyzyň depelenen namysy ýaly.*

*Ýatyr gaýyk hiç bir derde ýaraman,*
*Dönüp mugthor gurçuklaryň tünegne.*
*Bezzat ýeller tiken bolup sanjylýar,*
*Çüýräp barýan agaç tüýsli ýüregne.*

*Deňizlerde seýran edýän gaýyklar,*
*Düýşe girýär ahmyr bolup,gam bolup.*
*Birmahalky şehit bolan yhlasy,*
*Ýatyr kölüň gursagynda nem bolup.*

*Çagasyndan aýra düşen ene deý,*
*Durky bilen endireýär,titreýär.*
*Küregine ysgyn berjek umydam,*
*Köle ýetmän,gara ýerde pytraýar.*

*Tora düşen balyk ýaly alaçsyz,*
*Hereketsiz gapandaky syçan deý.*
*Ýatyr gaýyk yhlasyndan basylyp,*
*Birmahallar dide nury öçen deý.*

*Ykbaldan utulyp iren adamyň,*
*Kalbynda könelen namasy ýaly.*
*Gaýyk ýatyr ýata kölüň boýunda,*
*Gyzyň depelenen namysy ýaly.*

***

*Meniň saňa haýyşym bar,jenanym,*
*Haýyşam däl,*
*bir ýönekeý wesýet ol.*
*Gursagymda päk söýgümiň golundan,*
*Çekip duran gaýgy,gussa,ezýet ol.*

*Ezýetem däl,*
*bir ownujak alada,*
*Alada däl,çigit yaly guman ol.*
*Yşkymyzyň aýagyna çolaşyp,*
*Ýykjak bolýan tüýsi bozuk duman ol.*

*Menin saňa haýyşym bar,jenanym,*
*Haýyş,wesýet,ezýet,gussa, alada:*
*Ynan maňa, durkuň bilen ynan sen,*
*Meni edil gözüň ýaly tana-da!*

*Ynan maňa,ynam bilen gerekle,*
*Ynan maňa,ynam bilen ekle sen!*
*Bardy-geldi ýalnyşaýsam,ahmyra*
*Togalanan nazaryňy okla sen!*

*Meň daşyma gala gurmak gerek däl,*
*Ynam bilen serhet çyzmak ýetikdir.*
*Ynan maňa hem-de ahli duşmanyň*
*Damagyny ynam bilen petikle!*
*Ynan maňa ynanşyň deý dogalaň,*
*Taleýleri ters öwürjek demine.*
*Ynan maňa goşa ganat guşlaryň*
*Ynanşy deý ganatyna,perine.*

*Yşka barýan müň gowgaly yodada,*
*Seň ynamyň gayrat bersin her işe.*
*Meniň saňa haýyşym bar,jenanym,*
*Ynan maňa,ynan maňa hemişe!!!*
***

***Hakykat***

*Derýalary hanasyndan göçürmen,*
*Bu daglary al-asmana uçurman.*
*Isleseñem,islesemem barybir*
*( Ýalan sözläp nämedeýin,dilberim)*
*Ýyldyzlardan monjuk ýasap bilmerin.*

*Basharmaryn bu gyshlary eredip,*
*Yshkym bilen,söýgim bilen asylam.*
*Erkim ýetmez, geçip duran bu günler-*
*Kalendar däl diwarlardan asylan.*

*Ýüregimi berip bilmen,sebäbi*
*Söýgi diýlen ýürek bilen amaldyr.*
*Köñüldäki yshgymyzyñ köshgüni,*
*Gurup bolmaz wysal bilen ýalandan.*

*Al-asmana uçmaklygy basharman,*
*Basharmaryn deñizlere çümmäni.*

*Hayysh etme,söz bermäýin,dogrusy,*
*Adyñ bilen doldurardan dünýäni,*
*Dünýe giñdir, meniñ erkim çäklidir,*
*Ýalan-yashryk wada bilen bakmaýyn.*
*Sen isleseñ:*
*gijelerne uklaman,*
*Bashujyñda rahatlygñy saklaýyn.*

*Sen isleseñ: göwün islän zadyñy*
*Tapaýyn men (dükanlarda bar bolsa)!*
*Dag-düzlere äkideýin seýrana,*
*Bu köçeler,bu shäherler dar bolsa.*

*Ilden artyk söýjegime shübhe ýok,*
*Ynamyñy söýgi bilen haklaryn.*
*Alkymyña garaçynym geldim men,*
*Ine söýgim,*
*ine ýüzük,*
*ykbalym.*

***

**Gije...**

*Gözlerine çiş kakyldy bu gijäň,*
*Hasrat öpdi ýyldyzlary,asmany...*
*...Köçäni syrdyryp bir adam barýar,*
*Paşmadyk hyýalyn dardan asmaga...*

*...Penjireden alyslara seredýär,*
*Tirsegine agram berip bir peri...*
*...Mäjum edip "toý çakylyk" hatyny,*
*Bir gyz ýatyr nem ogşadyp kirpige...*

*... Sowap giden kofesini owurtlap,*
*Setirlere hüjüm edýär bir şahyr...*
*...Jellat gözler bir ýigidi penjelap,*
*Müdimilik hasrat bilen gurşapdyr...*

*...Göge bakyp dem sanaýar bir goja,*
*Ýada salyp biwagt ölen aýalyn...*

*...Gözlerine çiş kakylyp bu gijäň,*
*Bir ogrynyň çüwmän oňdy hyýaly...*

*...Käte-käte ümsümligi bozýar*-da,
*Itler üýrýär kalba salyp dowuly..*
*...Durşy bilen yşga dönüp bir eje,*
*Gujagynda ezizleýär ogluny...*

... Ara *düşen aýralyga çydaman,*
*Penjireden aşak i:nýär bir oglan...*
*...Soňky gelen çözgüdinden çekinip,*
*Gorky basýar bir gözeliň ýüregni...*

*Ykbal bilen ýakalaşýar hyýallar,*
*Perişandyr ýürekleriň ahwaly...*
*...Gözlerine çiş kakyldy bu gijäň,*
*Hasrat öpdi ýyldyzlary,*asmany...
***

*Bir gün geler,*
*ýollarymyz kesişer.*
*Gözler düşer bir-biregiň gözüne.*
*Ýatlamalaň çaňlaryny kakarys*
*Şonça ýyllap aýralyga dözülen.*

*Dodaklarda doňan sözler,diýilmän,*
*Öňe omzar maksadyna ýetmäge.*
*"Salam!..."*
*"Salam!..."*
*"Taplar neneň?"*
*"Bar öz-ä..."*
*Gujur ýetmez mundan aňry gitmäge.*

*Sözler durar,*
*diller durar,aň durar,*
*Gezek geler gam oklanan gözlere.*
*"Maňa sensiz agyr düşýär..." diýýän dek,*
*Gözleň garasyndan dalda gözlener.*

*Yza garap ah çekeris şonda biz,*
*Öňe garap ah çekeris şonda biz.*

*Ýene lebler öňe sary şaýlanar,*
*Ýene ah çekiler,diller dişlener.*
*Düýne garap baş çykaryp bilmeris,*
*Göz ýetse-de bolup duran işlere.*

*"Kim ýetişdi gollarymdan ogurlap?!*
*Nädip beýle boldy?*
*Nämüçin?*
*Haçan?"*
*Şunça ýoly bir gijede geçen deý,*
*Ýalançy ýyllaryň arzysy gaçar.*

*Ojaklarda öpýänimiz "bagt" diýip,*
*Ýeke demde ýel-ýagmyra öwrüler.*
*"Hany indem ýeňibilseň ýeň" diýip,*
*Pelek igesini sürter böwrüme.*

*Damaklarda düwün bolan gussany*
*Kejir pelek bagtymyza güjeňlär.*
*Bir-biregiň agysyna aglarys,*
*Göze aýralygyň nemini jemläp.*

*A soň...*
*Soňam hoşlaşmaly bolarys,*
*Her kim öz ýoluna tutdurar gider.*
*Günler bizi gujagynda gizlärde,*
*Ýene aýralyga akdyrar gider...*

*...Bir gün geler,*
*ýollarymyz kesişer,*
*Yşkdan galan umytlarmyz puç bolar.*
*Şonda ähli zada düşünersiň sen,*
*Şonda ähli zada düşünerin men,*
*Ýöne,gaty giç bolar...*

# Aşyr Hanow

# SEN BIR SÖZ DIÝ...

